**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2024-nji ýylyň 27-nji maýyndaky**
**№ 33-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№18-dg «Daşky gurşawy goramaga we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmaga gönükdirilen düýpli maya goýumlar barada hasabat» (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

№18-dg forma boýunça hasabaty eýeçiligiň ähli görnüşindäki gurujy-kärhanalar we guramalar, daýhan birleşikleri, alyjylar birleşiginiň kärhanalary düzýärler.

№18-dg formasynyň hasabatynda düýpli maýa goýumlaryny we gurluşyk-gurnama işlerini degişli ýyllaryň hakyky nyrhlarynda görkezýärler.

Bu hasabatlara gaýtadan gurulýan kärhanalaryň düzüminde şeýle-de hereket edýän kärhanalarda amala aşyrylýan çäreler boýunça maglumatlary goşulýar. Düýpli maýa goýumlaryna we gurluşyk-gurnama işlerine degişli maglumatlar şu ýylda herekete girizilýän desgalar boýunça, şeýle-de gurluşyk bilen indiki ýyla geçýän desgalar boýunça getirilýär.

## 1-nji Bölüm. Daşky gurşawy goramaga we tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmaga gönükdirilen düýpli maya goýumlar

01-35-nji setirlerde düýpli maýa goýumlarynyň hasabyna gurujylar tarapyndan amala aşyrylýan çäreler boýunça maglumatlar görkezilýär.

1. 01-nji setirde harajatlaryň ähli ugurlary we görnüşleri boýunça 02-35-nji setirlerde bölünýän tebigy baýlyklary goramak we tygşytly peýdalanmak boýunça geçirilýän ähli çäreleriň düýpli maýa goýumlary we gurluşyk-gurnama işleri görkezilýär.

2. 02-nji setirde suw baýlyklarynyň goralyşy we tygşytly peýdalanyşy boýunça geçirilýän çäreler üçin düýpli maýa goýumlary getirilýär. Olara girýänler:

önümçilik we jemagat maksatlar üçin ulanylýan hapa suwlary arassalaýan stansiýalar (03 setir);

stansiýanyň toplumyna girmeýän, hapa suwlary arassalaýjy beýleki ilkinji döwürleýin desgalar (06 setir);

deňizleriň gämiler tarapyndan hapalanmagynyň öňüni almak boýunça Halkara şertnamasynyň talabyna laýyklykda, hereket edýän gämileri enjamlaşdyryp gutarmak boýunça çäreleri we nebiti arassalaýjy stansiýalaryň ýygnaýjy-gämilerini goşmak bilen derýa akwatoriýalaryndan, howdanlardan, portlardan we içerki deňizlerden nebiti, mazudy, hapany we beýleki suwuk hem-de gaty galyndylary ýygnamak boýunça gurumlar, enjamlar we tehniki flot (07 setir);

aýlanşyk suw üpjünçiliginiň ulgamlary (08 setir);

suw goraýyş zolaklarynyň döredilmegi;

öz-özünden çogup çykýan ýerasty guýylary ýapmak (öňüni almak) ýa-da kran arkaly sazlaýyş düzgünine girizmek;

suwarymly ekerançylyk meýdanlaryny hem goşmak bilen akar suwlary gutarnykly arassalamak boýunça enjamlar we desgalar;

hapa suwlary arassalamak usullaryny işläp taýýarlamak bilen bagly bolan tejribe enjamlary we sehler;

suwuk önümçilik zyňyndylaryny we kub galyndylaryny ýygnamak, daşamak, gaýtadan işläp taýýarlamak we ýok etmek üçin enjamlar we desgalar;

howdanlary ýa-da ýerasty suwlary hapalaýan zyýanly senagat galyndylaryny zyýansyzlandyrmak üçin poligonlar we enjamlar;

hojalyga derkar bolan suwlary, zibilleri peýdaly ulanmak, ammarlara ýerleşdirmek we arassalamak üçin gämilerden kabul edip alýan kenarýaka desgalary;

şäheriň lagym ulgamlary: senagat akar suwlaryny (çabga suwlaryny goşmak bilen) sowmak üçin esasy lagymlar (kollektorlar) we olar üçin desgalar: nasos bilen guýýan stansiýalar, gözegçilik stansiýalary, arassalaýyş stansiýalarynda indiki herekete geçirilişi bilen suw çeşmeleriniň ortalaşdyrylyşy we şol suwlary wagtlaýyn toplamak üçin (zyňyndylaryň kadadan köp bolup, bir ýere toplanmagy netijesinde howply ýagdaýyň ýüze çykan mahaly) sygymlaryň taýýarlygyny barlamak boýunça stansiýalar. Şunda senagat kärhanasynyň içerki meýdanyndaky ulgamlary esasy kommunikasiýalara girmeýärler;

hapalanan ojaklary ýok etmek we ýerasty suwlary goramak boýunça harajatlar;

süzüji toplaýjylaryň durkuny täzelemek (ýapmak);

ýerasty gözýetimlerine suw çeşmelerini guýmak üçin tejribe-senagat toplumlary;

suw howdanlaryny we tebigy howdanlaryň tehniki ýagdaýyny gowulandyrmak we abadanlaşdyrmak bilen bagly işler;

derýajyklaryň çeşmelerini sazlamak, olaryň akymlaryny arassalamak we abadanlaşdyrylan gidrologik işleýiş düzgünini hem-de arassaçylyk ýagdaýyny goldamak we gaýtadan dikeltmek boýunça beýleki çäreler;

ulanylan we drenaž suwlaryny gaýtadan ulanmak hem-de olaryň hilini gowulandyrmak üçin çäreler (ýygnaýjy sygymlar, durlaýjy howuzlar, suwuň howasyny täzelemek üçin desgalar we enjamlar, biologiki kanallar, ekranlar, togtadyjy pestisidler we ş.m.)

önümçilik we ulanyş galyndylaryny gömmekde (senagat radioaktiw galyndylaryndan başga) ýerüsti hem-de ýerasty suwlarynyň hapalanmasynyň öňüni almak boýunça çäreler;

wajyp derýalaryň kölçelerinde suw hojalyk toplumlaryny awtomatlaşdyrylan usulda dolandyryş ulgamlaryny döretmek: suw goraýyş toplumlary bolan ADU, deňiz, tebigy we hapa suwlaryň hilini barlamak ulgamy (ýörite gämileri, laboratoriýalary we beýlekileri edinmekligi goşmak bilen), suw paýlaýjy dolandyryş ulgamy (suwarymly ekerançylyklary goşmak bilen), döwlet suw ýazgysynyň ulgamlary, suwuň ilkinji hasabynyň üpjünçiligi we suwuň ulanylyşynyň döwlet hasabyna geçirilmeginiň jemlenen maglumatlarynyň işlenip düzülişi (hasabatyň we beýlekileriň maglumatlaryny işläp taýýarlaýan hasaplaýyş merkezleriniň, alynýan hem-de taşlanýan suwunyň hili we hasabatynyň möçberi boýunça awtomatlaşdyrylan stansiýalaryň, ölçeýji stansiýalaryň, ölçeýji gurumlaryň gurluşygy we ş. m.);

suw baýlyklarynyň tygşytly ulanylşyna we goralşyna degişli beýleki çäreler.

02-nji setirde görkezilen düýpli maýa goýumalary we gurluşyk-gurnama işleri boýunça maglumatlar hasabatyň degişli sütünlerindäki 03, 06, 07, 08-nji setirlerinde getirilen görkezijileriň maglumatlarynyň jeminden köp ýa-da şoňa deň bolmalydyr.

Suw çeşmeleriniň arassaçylyk-gorag zolaklaryny döretmeklige, şeýle hem hapa suwlary arassalamazdan suw çeşmelerine gös-göni akdyrmak üçin lagym ulgamlarynyň gurluşygyna gönükdirilen harajatlar hasabata girizilmeýär.

3. 03-nji setire önümçilik we jemagat hapa suwlaryny arassalaýan hemme stansiýalar boýunça jemlenen maglumatlar girizilýär.

Ornaşdyrylan kadalara çenli, ýagny bellenen kada çenli hapa suwlary arassalamagyň tehnologiki ösüşiň barşyny geçirmek üçin biologiki, fiziki-himiki ýa-da mehaniki arassalaýjy desgalaryň toplumyna **stansiýalar** diýip düşünilýär.

Stansiýanyň kuwwatlylygy, arassalaýyşyň soňky döwrüni ýerine ýetirýän desgalardan gije-gündiziň dowamynda geçmeli hapa suwlaryň möçberi bilen kesgitlenilýär (stansiýanyň düzümine girýän, arassalaýyş desgalaryň hemmesinden geçen suwuň möçberi jemlenmeýär, bir gezek hasaba alynýar).

Hasabatda degişlilikde her bir stansiýanyň kuwwatlylygy diňe arassalaýyşyň soňky döwrüni ýerine ýetirýän desgalaryň kuwwaty boýunça görkezilmelidir. Meselem, biologiki arassalaýyş stansiýasynyň kuwwatyny arassalaýyşyň diňe soňky biologiki döwrüni ýerine ýetirýän binalaryň kuwwaty boýunça görkezmek bolar.

Arassalaýyş stansiýalary boýunça düýpli maýa goýumlar şol stansiýanyň gurluşygynyň taslamasynda göz öňünde tutulan, onuň düzümine girýän we arassalaýşyň ähli döwürlerini üpjün edýän desgalaryň ähli toplumlary boýunça tutuşlygyna görkezilmelidir.

Eger hereket edýän arassalaýyş stansiýasynyň giňelmegi ýa-da durkunyň täzelenmegi netijesinde onuň taslama kuwwatlylygy ýokarlanýan bolsa, onda bu stansiýalaryň kuwwatlylygynyň ösüşi hakynda maglumatlar we maýa goýumlary hem hasabatyň degişlilikdäki setirlerinde görkezilmelidir.

03-05-nji setirlere şu maglumatlar goşulmaýar:

- stansiýanyň toplumyna girmeýän biologiki, fiziki-himiki we mehaniki arassalaýjy (durlaýjy howuzlar, aramlaşdyryjylar, aerotenkalar we beýl.) aýratyn (ýerli) desgalar boýunça. Bu aýratyn (ýerli) binalar boýunça maglumatlar 02-nji setirde görkezilýär;
- aýlanşyk suw üpjünçiliginiň ulgamyna girýän arassalaýyş enjamlary (desgalary) boýunça maglumatlar 08-nji we 09-njy setirlerde, şeýle hem 02-nji setirde görkezilýär.

4. 03-nji setirden 04-nji setire hapa suwlary biologiki, fiziki-himiki we mehaniki arassalaýyş stansiýalary boýunça maglumatlar bölünip aýrylýar:

- kärhanalarda gurulýan, öň taslamada göz öňünde tutulman salnan şeýle stansiýalaryň gurluşygy;
- durky täzelenýän, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylýan ýa-da giňeldilmegi amala aşyrylýan hereketdäki stansiýalar boýunça, şeýle hem hereket edýän stansiýalarda könelen ýa-da hatardan çykan binalary çalyşmak üçin gurulýan täze desgalar boýunça;
- kärhananyň gurluşygynyň öň tassyklanan taslamasynda göz öňünde tutulan, ýöne öz möhletinde, ýagny hasabat ýylynyň başyna çenli gurulmadyk we herekete girizilmedik stansiýalar boýunça.

5. 06-njy setirde aýry-aýry (ýerli) - biologiki, fiziki-himiki we mehaniki arassalaýyş desgalary boýunça maglumatlar görkezilýär: stansiýanyň toplumyna girmeýän we akar suwlaryň şäher (umumy merkez) lagym ulgamyna akdyrylmazyndan ilkibaşdaky işlenip taýýarlanylyşy üçin niýetlenip durulýan howuzlar, aramlaşdyryjylar, aerotenkalar, nebit tutgyçlary, ýag tutgyçlary, bitaraplaşdyryş stansiýalary, flotasion **enjamlar**, şlamlary ýagsyzlandyryjy enjamlar we beýl. boýunça.

6. 08-nji setirde suwuň hapasyny aýyrmak boýunça aýlanşyk ulgamlaryny we önümçilik suw üpjünçiliginiň aýlanşyk ulgamlaryndaky dürli-dürli şlamlaryň suw aýyrmalaryny goşmak bilen ýapyk aýlanşykly suw üpjünçilik ulgamlarynyň maglumatlary (ulanyşdan soň akdyrylýan akar suwlaryň gaýtadan işlenip arassalanmagyndan soň, tehniki suw üpjünçilik hajatlary üçin gaýtarylmagy bilen), şeýle hem suwy yzygiderli we gaýtadan ulanyş ulgamlary, şol sanda beýleki kärhanalardan gelip goşulýanlar hasaba alynýar.

Aýlanşyk geçýän suwyň arassalanyşyny ýa-da onuň nobatdaky ulanylşynyň öň ýanynda gaýtadan ulanyşyny üpjün edýän arassalaýyş enjamlary (desgalary) şol ulgamlaryň toplumyna olaryň öz düzüm bölekleri hökmünde girýärler.

7. 09-njy setirde aýlanşyk geçýän suw üpjünçilik ulgamynyň maglumatlary bölünip aýrylýar:

- şeýle gurluşyklar ulgamy göz öňünde tutulmadyk taslamalar boýunça öň gurlan kärhanalarda gurulýanlar;
- durky täzelenýän, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylýan ýa-da giňeldilýän, hereketdäki aýlanşyk geçýän suw üpjünçilik ulgamlary boýunça, şeýle hem könelen ýa-da hatardan çykan desgalary çalyşmak üçin gurulýan şol ulgamlardaky täze desgalar boýunça;
- kärhananyň gurluşygynyň öň tassyklanan taslamasynda göz öňünde tutulan, ýöne öz möhletinde, hasabat ýylynyň başyna çenli gurulmadyk we işe girizilmedik aýlanşyk geçýän suw üpjünçilik ulgamlary boýunça.

8. 10-njy setirde howa giňişligini tehniki gazlar bilen we şemallandyryş howasy bilen bilelikde bölünip çykýan maddalaryň zaýalamagyndan goramak boýunça täze gurulýan we öňden işläp ýören kärhanalaryň desga gurluşyklaryna goýulan düýpli maýa goýumlary görkezilýär:

tehnologik agregatlar we şemalladyjylar arkaly çykýan zyýanly gaz maddalaryny atmosfera düşmezden öň tutmak we zyýansyzlandyrmak üçin niýetlenen gaz-tozan tutgyç desgalary we enjamlary (11-14-nji setirler). Bu enjamlar tebigaty goraýyşa diňe özüniň göni maksady boýunça sanitar bolmagy bilen degişli bolup durýar, ýagny howa giňişligine zyýanly maddalaryň tutuşlaýyn taşlanmagynyň peselmegini üpjün edýär;

çykarylýan gazy howa giňişligine düşýän zyýanly taşlandylardan arassalamak usulyny işläp düzmek boýunça tejribe-senagat guramalary we sehleri;

awtomobillerden çykýan gazyň zäherleýiş derejesini barlamak we azaltmak boýunça barlag-sazlaýyş bölümleri (15-nji setir);

howa giňişliginiň hapalanmagyna gözegçilik edýän awtomatik ulgamlaryň döredilmegine, barlag gurallary bilen, stasionar çeşmelerden howa çykýan zyýanly maddalardan durlanmagyna, howanyň hapalanmagynyň gözegçiligi boýunça laboratoriýalary edinmegiň we enjamlaşdyrmagyň gurluşyna harajatlar;

yzky gazlaryň howa giňişligine gönüden-göni taşlanmazyndan öň olary ýakmak we arassalamagyň beýleki usullary boýunça gurluşlara we enjamlara harajatlar, şeýle ýagdaýda onuň hapalanmagynyň öňi alynýar (peseldilýär), şeýle hem tüsse çykaryjy turbalaryň gurluşygyna harajatlar, eger-de taşlandyny azaltmak boýunça bar bolan häzirkizaman tehniki serişdeleriň hemmesi ulanylandan soň TÇÖ-niň kada laýyklygy üpjün edilmeýän bolsa;

çykarylýan gazlaryň maddalaryny peýdalanmak üçin önümçilik enjamlary;

howa giňişligini goramak boýunça beýleki desgalar.

10-njy setirde görkezilen düýpli maýa goýumlary we gurluşyk-gurnama işleri baradaky maglumatlar hasabatyň degişli sütünlerindäki 12-nji we 15-nji setirlerindäki görkezijileriň maglumatlarynyň bahasyndan köp ýa-da şoňa deň bolmalydyr.

Gurluşyk boýunça 10-njy setire goşulmaýan maglumatlar:

tehnologik çyzgynyň bölekleri bolup durýan we mineral çig-maldan göz öňüne tutulýan önümi almak üçin gulluk edýän gaz-tozan tutgyç gurluşlary we enjamlary;

arassaçylyk-gorag zolaklarynyň iş ýerlerinde kadaly arassaçylyk şertlerini döretmek üçin hyzmat edýän gazgeçirijiler (howa geçirijiler), tüsse sorujylar (wentilýatorlar), şemallandyryş we salkynlandyryş ulgamlary: tehnologik çyzgylaryň arassaçylyk senagatynyň, abadanlaşdyrmaklygyň düzüm bölekleri bolup durýan agaç ekmeklik we ş.m.

9. Gaz arassalaýjy we tozan tutujy enjamlar boýunça maglumatlar 11-14-nji setirlerde indiki tertipde getirilýär. Işe girizmek boýunça beýleki desgalar bilen konstruktiw bagly bolan, çykýan gazyň kada laýyk arassalanşyny üpjün edýän aýratyn enjamlar görkezilýär. Düýpli maýa goýumlary gurluşygyna aýry-aýry hasap-hesipler tassyklanan enjamlar boýunça, şeýle-de gurulýan sehiň ýa-da kärhananyň toplumyna girýän enjamlar boýunça görkezilýär.

Çykýan gazlaryň zyýanly maddalaryny tutýan we zyýansyzlandyrýan enjamlaryň (11-14-nji setirler) yzygider (parallel) goşulan gaz-tozan tutujy aparatlaryň ýekeleýin ýa-da toparlaýyn düzümi, şeýle hem şol gurmalaryň aýrylmaz bölegi bolup durýan hem-de olaryň kadaly işlemegini üpjün edýän kömekçi enjamlar we kommunikasiýalar bolup biler.

**Gaz-tozan tutujy aparat** diýip çykýan gazlaryň ýa-da täzelenen howanyň düzüminde bar bolan gaty, suwuk ýa-da gaz görnüşindäki zyýanly maddalaryň kesgitli seçiji ýagdaýda tutulmagyny amala aşyrýan gaz arassalaýjy enjamyň bölegine aýdylýar. Gaz-tozan tutujy aparatlara girýärler: tozan saklaýjy kameralar, žalýuzli tozan tutgyçlary, siklonlar, batareýa siklonlary, tüsse sorujy-tozan tutujylar, süýümli süzgüçler, mata süzgüçler, gol süzgüçleri, karkas süzgüçleri, digir-digir süzgüçler, keramiki süzgüçler, metal-keramiki süzgüçler, güýçlendirýän podstansiýalary bolan öl we gurak elektrik süzgüçler, skrubberler, absorberler, Wenturi skrubberleri, damja tutgyçlary, adsorberler, katalitik reaktorlar we göni hem-de katalitik ýakylýan peçler we beýl.

Seýrek ýagdaýlarda, haçanda howa dartyjy (körükleýji) maşynyň seçgisi gaz-tozan tutujy aparatyň emele getirýän garşylygyna gös-göni bagly bolsa, onda bu maşyna çykarylýan harajatlar hem howa giňişliginiň goralşyna degişlidir.

Eger howa çekiji ulgamda gaz-tozan tutujy aparat ornaşdyrylýan bolsa, onda kadaly ýagdaýda işlemegini üpjün edýän elementleri bilen bilelikde, diňe şol aparat (onuň suwarylmagy üçin suw çekilmegi, tozan ýygnama ulgamy we beýl.) howa giňişliginiň goralmagyna degişlidir, howa geçirijileriň we şemallandyryjylaryň bitin ulgamy muňa girmeýär.

10. 13-nji we 14-nji setirlerde çykýan gazlaryň zyýanly maddalaryny tutýan we zyýansyzlandyrýan enjamlaryň maglumatlary bölünip aýrylýar:

şeýle enjamlaryň gurluşygy göz öňünde tutulmadyk taslama boýunça öň gurlan kärhanalarda gurulýanlar;

durkunyň täzelenmegi, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy ýa-da giňeldilmegi amala aşyrylýan hereket ediji gurmalar boýunça, şeýle hem könelenleriň ýa-da hatardan çykanlaryň deregine gurulýan täze enjamlar boýunça;

hasabat ýylynyň başyna çenli öz wagtynda gurulmadyk we herekete girizilmedik, kärhananyň gurluşygynyň öň tassyklanan taslamasynda göz öňünde tutulan enjamlar boýunça.

11. 16-njy setirde ýerleriň goralşy we tygşytly peýdalanylşy boýunça maýa goýumlary gorkezilýär (meliorasiýadan başga):

ýeriň şorlamagyna garşy gidrotehniki, sile garşy, süýşgüne garşy, harsaňa garşy, opurylma garşy, kenar berkidiji desgalaryň (irrigasion-melioratiw ulgamlaryndan başga) gurluşygyna (17-19-njy setirler);

kert gaýalaryň şekillemegine (20-nji setir);

meýdan goraýyş zolaklaryny goşmak bilen tokaý gorag zolaklarynyň (oturdylmagy we gözegçilik edilmegi) döredilmegine (21-nji setir);

ýerleriň gaýtadan bejerilmegine (23-nji setir);

jarlarda we källerde, derýalaryň hem-de howdanlaryň kenarlarynda, çägeli ýerlerde, tekizlenen we erodirlenen dag gaýalarynda şorlama garşy tokaý agaçlarynyň döredilmegine;

oba hojalyk ekinlerini zyýan beriji kesellerden biologiki usul arkaly goramak boýunça biologiki laboratoriýalaryň gurluşygyna we durkuny täzelemegine, şeýle hem olary abzallaşdyrmak üçin enjamlary edinmäge;

ýerleriň goralyşy we tygşytly peýdalanylşy boýunça çärelere degişli beýleki harajatlara.

16-njy setirde görkezilen düýpli maýa goýumlaryň we gurluşyk-gurnama işleriniň maglumatlary hasabatyň degişli sütünlerindäki 17, 18, 19, 20, 21 we 23-nji setirlerde görkezilen görkezijileriň maglumatlarynyň jeminden köp ýa- da şoňa deň bolmalydyr.

16, 17, 18-nji setirlere şorlama garşy gidrotehnikanyň we sile garşy desgalaryň maglumatlary goşulmaýarlar, haçanda olaryň gurluşygy irrigasion-melioratiw ulgamynyň taslamasynyň düzüminde göz öňünde tutulan bolsa.

12. 23-nji setirde kuwwatlyklaryň işe girizilişiniň görkezijilerinde gaýtadan bejerilen ýerleriň meýdany, maýa goýumlarynda bolsa - ýerleriň gaýtadan bejerilişi boýunça harajatlar görkezilýär, şeýle hem geljekki ýyllarda ýerleriň gaýtadan bejeriş döwründe ulanmak üçin we az önümçilikli haýyrlanýan ýerlere girizmek üçin hem-de şol maksatara ýörüte tehnikany edinmek üçin ýerleşdirilýän ýere ýygnama, saklama, daşama ýa-da ýeriň hasylly gatlagyny wagtlaýyn saklamak boýunça işler görkezilýär.

13. 24-nji setirde tokaý baýlyklarynyň we örileriň goralşy hem-de tygşytly tokaý gorag oturtmalarynyň döretmegi bilen bagly bolan çärelere, ýangyna garşy göreşe niýetlenen desgalaryň gurluşygyna (ýangyna garşy diňleriň we ş. m. himiki-ýangyn stansiýalarynyň), awiasiýa bazalarynyň we olar üçin beýleki maşynlaryň hem-de maddy-tehniki serişdeleriň ýangyna garşy tehnikasyny almaga; tokaýyň biologiki we himiki goralşy boýunça biostansiýalaryň hem-de biolaboratoriýalaryň gurluşygyna we olaryň ornaşdyrylmagy üçin enjamlara, maşynlara hem-de tokaýyň zyýanly kesellerine garşy göreşmek üçin beýleki tehnikalara; şäherleriň, şäherçeleriň, şypahanalaryň we ş.m. daşyna ýaşyl zolaklaryň çekilmegine we abadanlaşdyrylmagyna; örileriň goralmagyna; tokaý baýlyklarynyň tygşytly peýdalanylşy bilen bagly beýleki çärelere (arassaçylyk pudarlanyşlary üçin maşynlary we gurmalary edinmäge) gönükdirilen düýpli maýa goýumlary görkezilýär.

14. 25-nji setirde aşakdakylara düýpli maýa goýumlar görkezilýär:

tutulýan gymmatbaha balyklaryň liçinkalaryny we ýaňy bolanlaryny almak hem-de ýetişdirmek üçin we iým bedenlerini taýýarlamak boýunça balykçylyk kärhanalarynyň gurluşygyna we enjamlaşdyrmagyna;

balyk ösdürip ýetişdirilýän hojalyklaryň, işbil ösdürip ýetişdirilýän howdanlaryň we balyk ösdürip ýetişdirýän beýleki kärhanalaryň gurluşygyna;

melioratiw-balykçylyk çäreleriň amala aşyrylmagyna (tebigy işbil taşlanýan ýerleri suwlandyrmak, göçme kanallaryň, emeli işbil taşlanýan ýerleriň we beýl. gurluşygy);

balyk hojalyk ähmiýetli we aýratyn desgalary ýa-da ýörite binalary bar bolan suwyň ýygnanmagyny howdanlaryň üsti bilen amala aşyrýan senagat, jemagat we oba hojalyk suw

ýygnamalarynda mehaniki, gidrawliki ýa-da fiziologik balyk goraýyş enjamlaryň gurluşygyna (28-nji setir);

balyklary goraýan guramalar üçin katerleri, gaýyklary, gaýyk motorlaryny, ýük daşaýan we ýörite ýeňil maşynlary, motosiklleri, radiostansiýalary, radioelektron enjamlary we beýleki tehniki ornaşdyryş enjamlaryny almaga, şeýle hem iş jaýlarynyň gurluşygyna we gurmalaryna.

25-28-nji setirlerde gurluşygy balyk ätiýaçlyklaryna ýetirilen zyýanyň öwezini dolýan tertipde amala aşyrylýan balyk kärhanalary we meliorativ-balykçylyk desgalary boýunça maglumatlar hem getirilýär.

25-nji setire balyk tutýan daýhan birleşikleriniň we balygy haryt görnüşinde ýetişdirýän döwlet kärhanalarynyň howuzlarynda hem-de köl hojalyklarynda saklanýan liçinkalary we ýaňy bolan balyklary ýetişdirmegiň hem-de almagyň harajatlary girmeýärler.

15. 28-nji setirde balyk goraýyş enjamlary boýunça aýratyn enjamlaryň beýleki desgalar (suw ýygnamalar, bentler we beýl.) bilen konstruktiw baglydygy görkezilýär.

Maýa goýumlary diňe gurluşygyna aýratyn hasap-hesipler düzülen balyk goraýyş enjamlary boýunça görkezilýär.

Suw ýygnalýan ýerlerdäki **balyk goraýjy desgalar** diýlip (28-nji setir), ýaňy bolan balyklaryň oba hojalyk ulgamlaryna, suwarymly ýerlere we ş. m. düşmeginiň öňüni almak üçin enjamlaryň mehaniki, gidrawliki, fiziologiki we beýl. görnüşlerine düşünilýär.

Balyk goraýyş abzallary bolan gurmalara balyk hojalyk ähmiýeti bolan howdanlardan suw alýan senagat we oba hojalyk suw ýygnamalary degişli bolup durýarlar.

16. 29-njy we 30-njy setirlerde önümçiligiň galyndylaryndan çig mal we taýýar önüm almak üçin enjamlaryň, önümçiligiň, sehleriň gurluşygy boýunça maglumatlar görkezilýär: ýylylyk beriji elektrik stansiýalarynyň şlaklaryny, fosfogipsleri we beýl. işläp bejermek boýunça ehjamlar hem-de tutuş önümçilikler.

17. 31-nji we 32-nji setirlerde gaty we suwuk zäherli senagat, durmuşy hem-de başga galyndylary (radioaktiwlerinden başga) ýygnamak, gaýtadan ulanmak, zyýansyzlandyrmak (ýakmak) boýunça welaýat, etrap (uly şäherler üçin - umumyşäher), pudagara kärhanalaryň maglumatlary görkezilýär. Şulara şäher sebitlerinden we ilatly punktlardan senagat hem-de durmuşy galyndylaryny ýygnamak we ulagly daşamak üçin ýokarda görkezilen desgalaryň düzümine girýän enjamlary we ýörite maşynlary almaga çykarylýan harajatlar hem girýärler. Hasabata we şol setirlere işlenip bejerilmedik (zyýansyzlandyrylmadyk) zäherli galyndylary dökmek hem-de gömmek üçin poligonlaryň gurluşygynyň harajatlary goşulmaýar.

18. 33-nji setidre şu aşakdakylara gönükdirilen düýpli maýa goýumlary görkezilýär:

tebigy gorag meýdanlarynda (zapowedniklerde) we emeli gorag meýdanlarynda (zakazniklerde) ylmy-barlag işlerini geçirmek üçin niýetlenen jaýlaryň hem-de desgalaryň, şeýle hem içkiedara we beýleki hyzmat ediş desgalarynyň (laboratoriýalaryň, ussahanalaryň, kordonlaryň, wolýerleriň, garažlaryň, köprileriň we beýl.), ýollaryň hem-de syýahatçylar üçin ýodalaryň, haýatlaryň gurluşygyna we enjamlaşdyrylmagyna;

tebigy gorag meýdanlarynda, tebigy (milli) seýilgählerde, ösümlik dünýäsi (botaniki) baglarynda, dendrologik we haýwanat baglarynda hem-de emeli gorag meýdanlarynda tebigy ekoulgamlary saklamak we dikeltmek üçin desgalaryň gurluşygyna;

ulag we aragatnaşyk serişdeleriniň ýörite gurmalaryny almaga hem-de tebigy gorag meýdanlarynyň we beýleki tebigaty goraýyş çakleriniň guramaçylygyna degişli bolan beýleki çärelere.

Hasabatda syýahatçylary ýerleşdirmek hem-de olara hyzmat etmek üçin niýetlenen myhmanhanalar, pansionatlar, kempingler boýunça maglumatlar hem 33-njy setire goşulmaýar.

19. 34-nji setirde şu aşakdaky çärelere goýlan düýpli maýa goýumlary görkezilýär:

gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary ýeriň astyndan çykarmaklygy ýokarlandyrmak, taslama boýunça ýa-da esasy döwürde çykarylandakysyndan baýlaşan wagty esasy goşundylary çykarmaklygy ýokarlandyrmak maksady bilen amala aşyrylýan çärelere (işlenip gutarylan giňişliklere seretmek üçin toplumlar; geçen ýyllaryň galyndylarynyň düzümindäki esasy goşundylara peýdalanylmazyndan öň gerek bolan enjamlar; düzüminde peýdaly goşundylar bolan senagat galyndylaryny saklamak üçin ammarlar; esasy we ýüzugra gabat gelýän düzüm

goşundylarynyň peýdalanylşyny ýokarlandyrmak maksady bilen kärhananyň durkuny täzelemek hem-de tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak; täze tehnologik çyzgylary işläp taýarlamak üçin tejribe-senagat enjamlary);

mineral çig maly toplumlaýyn peýdalanmak maksady bilen geçirilýän çärelere (gerekmez we ýerleşýän jynslardan tutulan tozanlaryň düzüminde bar bolan gymmatly goşundylary aýryp almak üçin enjamlar; ýüzugra gazylyp alynýan, ýöne häzirki wagtda ulanylmaýan peýdaly magdanlar üçin ammarlar, desgalar, çig-mal almak üçin sehler, halk hojalygynyň beýleki pudaklary üçin önümler, meselem, gerekmez we ýerleşýän jynslardan gurluşyk materiallaryny almak boýunça desgalar, nebitden we tebigy gazdan, tebigy gazyň we nebit bilen çykýan gazyň kondensatyndan kükürdi, etany, gelini, we beýlekileri bölüp aýyrmak boýunça desgalar).

Düýpli maýa goýumlary we ýokarda görkezilen çärelere degişlilikde gurulýan desgalar hem-de enjamlar boýunça kuwwatlyklaryň işe girizilişi eger-de, olaryň gurluşygy hereket edýän, ýöne taslamasynda suw, ýer baýlyklaryny we howa giňişliklerini goramak boýunça kabul edilen talaplara dolulygyna laýyk gelýän şol bir mineral çig malyň düzümine girýän ähli peýdaly goşundylary ulanmaklyk göz öňüne tutulmadyk kärhanalarda alnyp barylýan bolsa hasabata goşulýar.

Gaýtadan gurulýan kärhanalarda salynýan we taslamada göz öňünde tutulan şolar ýaly desgalar hasabatda görkezilmeýär.

Hereket edýän we gaýtadan gurulýan kärhanalara hyzmat etmek üçin niýetlenen desgalaryň gurluşygynda (meselem, girew toplumy) hasabata şol desganyň diňe hereket edýän kärhanalara hyzmat edýän bölegi goşulýar.

**Mineral baýlyklary peýdaly ulanmak üçin desgalara we enjamlara** hereket edýän kärhanalarda salynýan binalar, enjamlar, önümçilik, toplumlar hem-de sehler girýärler we olar şu aşakdakylar üçin niýetlenen:

- ýerasty gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň we taslama peýdalanmasy ýa-da binýat döwri bilen deňeşdirme boýunça esasy komponentleri baýlaşdyrmakda we metallurgiýa çäginde ulanylşyny ýokarlandyrmak;
- mineral çig-malyň toplumlaýyn ulanylmagy we baglanşykly geçýän komponentleriň peýdalanylmagy;
- önümçiligiň peýdaly komponentleri bolan galyndylaryň ýerleşdirilmegi;
- mineral, çeşme we termal suwlaryň gymmatly goşundylarynyň peýdalanylşy (hereket edýän we gaýtadan gurulýan kärhanalardaky ýaly ýataklaryň ýangyndan, suw joşmalaryndan we ş. m. goralmagy).

34-nji setirde kuwwatlylyklaryň işe girizilişi diňe mineral serişdeleriň toplumlaýyn ulanylşy üçin niýetlenen binalar we enjamlar boýunça görkezilýär, düýpli maýa goýumlary bolsa ýeriň astyndaky baýlyklary goraýan we mineral serişdeleri tygşytly peýdalanýan hemme desgalar boýunça görkezilýär.

20. Şeýle-de 34-nji setirde şu aşakdakylara düýpli maýa goýumlary görkezilýär:

balneologik maksatlar üçin we halk hojalygynyň beýleki pudaklarynda mineral hem-de termal suwlaryň peýdalanşyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen çärelere (çogup çykýan guýylaryň sazlanylşy, mineral suwlardan gymmatly goşundylary bölüp almak üçin enjamlar, termal suwlaryň ýylylygyny ulanmak üçin desgalar);

gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň (nebtiň, gazyň we beýl.) ýataklarynyň ýangyndan goralmagyny ýola goýmak we şol maksatlar üçin enjamlary edinmek boýunça çärelere.

21. 35-nji setirde şu aşakdakylara düýpli maýa goýumlar görkezilýär:

haýyrlanýan aw ýerleriniň baýlygyny artdyrmak üçin ýabany haýwanlary (haýwanlary we guşlary) köpeltmek boýunça malhanalaryň we fermalaryň gurluşygyna;

ýabany haýwanlaryň we guşlaryň täzeden döredilmegi bilen bagly bolan edara hem-de gulluk jaýlarynyň, garažlaryň, ussahanalaryň, kordonlaryň, berkitmeleriň, gidrotehniki we beýleki desgalaryň gurluşygyna;

ulag we aragatnaşyk serişdelerini edinmäge.

**2-nji Bölüm. Maliýeleşdiriliş çeşmeleri boýunça esasy serişdelere maýa goýumlar**

22. 2-nji bölümiň 01 setiriniň 1-nji sütüninde 1-nji bölümiň 01 setiriniň 2-nji sütünine deň bolmaly.

2-nji bölümiň 1-nji sütüniň ähli setirleri 2-8-nji sütünleriniň jemine deň bolmaly.

2-nji sütünde merkezleşdirilen býujet serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär.

3-nji sütünde ýerli býujet serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär.

4-nji sütünde öz maliýe serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär.

5-nji sütünde karz serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär. Olara bank karzlary (şol sanda daşary ýurt bank karzlary, Halkara bank karzlary), maýa goýum gaznalary, beýleki guramalar, daşary ýurt maýadarlary we beýlekiler.

6-njy sütünde döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär.

7-nji sütünde daşary ýurt maýadarlarynyň hasabyna maliýeleşdirilişi boýunça maglumat görkezilýär.

8-nji sütünde beýleki serişdeleriň hasabyna maýa goýumlar barada maglumat görkezilýär.

Gymmatlyk görkezijiler oturdan soň bir belgä çenli takyklamak bilen müň manatda görkezilýär.

**Maýa goýumlaryň statistikasy we seljerişi müdirligi**